# Aýal-gyzlar kapitalizmiñ Halkara Zenanlar gününi eýelemesinden has artygyna mynasyp

Category: Edebi makalalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
Aýal-gyzlar kapitalizmiñ Halkara Zenanlar gününi eýelemesinden has artygyna mynasyp AÝAL-GYZLAR KAPITALIZMIÑ HALKARA ZENANLAR GÜNÜNI EÝELEMESINDEN HAS ARTYGYNA MYNASYP

*Halkara Zenanlar gününiñ bütin dünýäde bellenýän güni Oliwiýa Petter şu güne söwdalaşma mümkinçiligi döretmekden el çekmegiñ nämüçin hemişekisinden has möhümdiginiñ üstünde durup geçýär.*




Madridde aýal-gyzlar 8-nji martda zorluk-süteme we deñsizlige garşy protest bildirdi. **(Reuters)**

2021-nji ýylda aýal-gyzlaryň güýçlenmegini baýram etmek nämäni aňladýar. Gelen bukjamyň näme aýdýandygyny aýdyp bereýin. Bu, 45 sterlinge bahasy bolan, ýüzünde Frida Kalonyň yüzi bolan ýassyk almagy aňladýar. Içinde jynsy deňsizlige garşy ýüzlenme bilen ýekeje bägül bolan bir desse gülden ruhlanandygyny aňladýar. Adyny «çygyr açan aýaldan» alan bir käse duzly karamelli doňdurma iýmegi aňladýar.
Sosial mediýanyň dürli-dürli kesgitlemesi bar. Aslyýetine seredende birnäçe kesgitlmesi bar. Muňa görä zenanlar güni hemmelere tanyş-bilişleriňizi, gyz tanşyňyzy we ejeňizi nähili gowy görýändigiňizi aýtmak diýmek. Adamlara aşagyna Gloriýa Staýnemden sitata alan fotosuratyňyzda nähili özüne çekiji görünýändigiňizi görmek diýmek. Sizi ruhlandyran zenanlar bilen şerap içmek we wagtyňy hoş geçirmek diýmek.
Her ýyl 8-nji mart güni dünýäde zenan hak-hukuklarynyň we jynsy deňligiň ösüşini goramaga niýetlenen çäre bolan Halkara Zenanlar güni baýram edilýär. Her ýyl bellenýän baýramçylyk Nýu-Ýorkda aýal-gyzlaryň iş şertlerini protest edýän we deň syýasy, ykdysady hak-hukuklary talap eden 1908-nji ýylyň tekstil işçileriniň iş taşlaýyşyny ýatlamak maksady bilen başlady. Ýöne indi bu many suwlandyrylyp, parodiýa derejesine ýetirlene meňzeýär.
Soňky ýyllarda markalar barha aň bulaşdyryjy görnüşde şu gün kapitallaşdyrýar. Hamala beýleki hoşniýetli baýramçylyklar bir hatarda Halkara Zenanlar güni hem diňe söwdalaşma mümkinçiliginden başga zat däl ýaly.
Her ýyl bu güne gury gadyr edip, ähmiýetini pese düşürmekden başga zada ýaramaýan Halkara Zenanlar güni çäreleriniň we harytlarynyň mahabatyny edýän markalardan ýüzlerçe elektron hat alýaryn.
Şu gün daşyndan göräýmäge hemme zat, ha ol «kokteýl sagadyna güýçlendiriji many goşmagy» wada berýän bir çüýşe jin bolsun, ha ol Birleşen Korollykdaky 33 million aýal-gyzy bir guty şokolad bilen birleşdirjegini aýdýan çärrle bolsun, Halkara Zenanlar gününiň harydy bolup biljek görnüşde täzeden şekillendirilip paketlenip biler.
Elbetde, bularyň hiç biri Halkara Zenanlar gününe mahsus däl.

Markalaryň ärdemli görkezişi hökmünde feminism wagonyna münmeginiň yzynda uzak taryhy bar. «Dior»-yň Çimamanda Ngozi Adiçäniň sözlerinden peýdalanyp, 620 euro satylan harytdan düşen pula hiç bir şekilde haýyr-sahawat guramalaryna berilmändigi üçn jedel turzan «Hemmämiz feminist bolmaly» ýazgyly şortini ýadyňa salýaňyzmy? Hemmämiz feminist bolmaly, ýöne görnüşi ýaly öýe gowy aýlyk getirýän bolsak. Eýse köpüsi zähmet hukugyny bozmakda aýyplanýan we megerem öz zenan dokmaçy işgärlerine güzeranyny aýlap biljek aýlyk bermeýän moda markalarynyň ähli feminist markaly harytlaryna näme diýmeli?
Serediň, düşünýän. Menem bir gezek üstünde göwsüň şekili bolan bulgurdan suw içdim. Ýöne maňa sufražetleri beýgeltmegiň bir ýolunyň şudugyny aýtmaň. Hawa, birnäçe markanyň Halkara Zenanlar güni mynasybetli çykarylýan harytlardan düşen girdejiniň belli bir bölegini aýal-gyzlary goldaýan guramalaryň hasabyna geçirýändiginem bilýärin. Ýöne muny etmeýän markalaram az däl. Şeýle-de satyn alýanlaryňyzyň az-uçugy haýyr-sahawat guramalaryna peýda getirýänem bolsa, bu az-uçuk peýdanyň zenan hak-hukuklaryny kämilleşdirmekde gönüden-göni täsiriniň bardygyny aýdyp bolmaz.
Kapitalizm jynsy gyradeňlige dahylly bolmaly güni doly gysymyna gysdy.
Özem by harytlar goldanýandyklaryny aýdan deňligiň bahasyna öndürilýär. Aýal-gyzlaryň feminist şortilere zerurlygy ýok. Bize gerek zat deň aýlyk we kadaly zähmet şertleri. Elbetde, ýüzi ýazgyly şorti satyn alyp bilersiňiz, ýöne munuň ol şortini tikýän aýal-gyza näme peýdasy bar?
Halkara Zenanlar gününiň özüňiziň we tanyşlaryňyzyň filtrlenen fotosuratlaryny sosial mediýada paýlaşmak üçin diňe başga mümkinçilige öwrülmegi bilen her ýyl geçirilýän zenan hak-hukuklary baýramynyň deň derejede haştag goşulýan Walentina güni we Halkara Kapkeýk güni ýaly baýramçylyklar bilen bir hatara goýulmagy-da munuň üstesine.
Şular ýaly belli günlerde içi boş marka işinden çekilip bilersiňiz, ýöne bu aýal-gyzlaryň güýçlenmegine dahylly hasaplanan bir günde mümkin däl. Halkara Zenanlar güni üçin az

mukdarda kömek maksatly sadakalarda bolmakdan ötri has many-mazmunly işleri bolan kompaniýalar bolsa-da (Bodyform jynslaryň arasyndaky gynançly deňsizligi gidermek üçin kampaniýanyň başyny başlap, tehnologik aksessuar şereketi «PopSockets» satuwynyň 50%-ni mart aýynyň dowamynda «Malala» fondyna geçirýär), şeýle kompaniýalara seýrek duşulýar.
Işler birnäçe ýyl bäri şeýle dowam edýär, ýöne 2021-nji ýylda bularyň hemmesi hasam gelşiksiz görünýär. Pandemiýa aýal-gyzlara ýiti täsir etdi. BMG-nyň Zenanlar guramasy (UN Women) koronawirus ýokanjynyň jemgyýetçilik jynsy deňligini 25 yza serpikdirip biljegini aýtdy. Munuň birnäçe sebäbi bar, iň açyk bolany-da pandemiýanyň erkekleri garanda aýal-gyzlara has ýiti täsir eden çaga seretmek, iş we saglyk hyzmaty ýaly meseleleriň üstüne san-sajaksyz şekillerde goşmaça kynçylyklar ýüklenen bolmagy.
Fewralda UNISON tarapyndan geçirilen bir barlagyň netijesi öň hatardaky işlerde işleýän aýal-gyzlaryň üçden birisiniň diýen ýaly «pandemiýa wagtyndaky maddy kynçylyklaryň aşagyndan çykmak üçin» aňyrsyna üýşürip goýanja pullaryny harçlamaga mejbur boljakdygyny görkezdi. Başga ýerlerde, habarnamalar iş berijileriň işleýän enelere döwlet goldawly tölegli rugsat bermegi ret edendigini we barha artýan mukdarda zenanyň koronawirus wirusynyň özlerini «gorkunç garyplyga» iterendigini aýdyp, jelepçilik etmäge ýönelendigini görkezýär. Muňa birem geçen ýyl öýde bolýan urup-ýençme wakalarynda görülen eýmendiriji artyş hem goşulýar. 2020-nji ýylyň aprel aýynda Döwlet öýara urup-ýençmelere garşy kömek dispetçeriniň bir günde alan arz-şikaýatlarynyň sany 100-den geçdi.
Hakykatda, Halkara Zenanlar gününiň aşa markalaşmagy bu baýramyň hakyky we soňky derejede manysyny ýoýma howpuny döredýär hem-de aýal-gyzlaryň ýüzbe-ýüz bolýan hakyky meseleleriniň ýakymly, gülgüne «feminist» palasyň aşagyna süpürilmegine şert döredýär. Markalaryň aýal-gyzlary gutlamak islemeginde ýalňyşlyk ýok, emma aýal-gyzlaryň häzirki wagtda hak-heşdek deňsizliginiň agramyny göterendigini hasaba goşup, muňa laýyk bahalary düşürýänçä bu ýagdaý aýal-gyzlaryň çyr-çytyr bolup gazanýan pullaryny ýitirmekleriniň başgaca ýoly

dälmi näme?
Bu markalar öz şereketlerinde aýal-gyzlary goldamak üçin hakyky sistematiki özgeriş geçirip bilýärmi? Uly ähtimallyk bilen ýok. Bütin bulary nazara alsak, «raýdaşlyk» el kremiñiz we çäklendirilen sanda öndürilen gülgüne sandalileriñizde özümi güýçlenen ýaly duýmaýandygym üçin menden aýyplaşmañ.




Oliwiýa PETTER,
@oliviapetter1
11.03.2021 ý. Edebi makalalar